# KÄR HÄSIÝETNAMASY

**Taýýarlygyň ugry:** 4.34.03.40 Oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemegiň tehnologiýasy

**Dereje:** bakalawr

Şu kär häsiýetnamasy Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň Oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemegiň tehnologiýasy taýýarlyk ugry boýunça taýýarlanylýan bakalawrlaryň wezipelerini hem-de olaryň taýýarlyk ugruna bildirilýän esasy talaplary kesgitleýär.

Kär häsiýetnamasy bakalawrlary taýýarlamaklygyň meýilnamasyny işläp düzmek, taýýarlanyljak bakalawrlaryň sanyny anyklamak, olaryň düzümini delillendirmek, ýokary okuw mekdebinde okuw-terbiýeçilik işlerini guramak, okuwyny tamamlan uçurymlaryň işlemeli ýerlerine ugradylyşyny, işe ýerleşdirilişini üpjün etmek we olaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň taýýarlygynyň ugruna laýyklygyny seljermek üçin ulanylmalydyr.

## Bakalawryň wezipesi

Bakalawr oba hojalyk önümçiligini dolandyrmak işini ýokary okuw mekdebinde alan bilim derejesine laýyklykda amala aşyrmak üçin taýýarlanylýar. Oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemegiň tehnologiýasy taýýarlyk ugry boýunça taýýarlanylýan bakalawr hünär işiniň aşakdaky wezipeleriniň çözgüdine taýýar bolmalydyr:

- oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemek boýunça meseleleri goýup bilmäge;
- durmuş, ekologiýa we ykdysady netijelerini hasaba almak bilen çözgütleri işläp düzmäge we kabul etmäge;
- oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemek boýunça tehnologiýalary ornaşdyrmaga, işläp düzmäge, durmuşa geçirmäge we gözegçilik etmäge;
- oba hojalyk çig mallarynyň, azyk önümleriniň we olary gaýtadan işleýän önümleriň hilini we howpsuzlygyny üpjün etmäge hem-de gözegçilik etmek boýunça çäreleri işläp düzmäge we durmuşa geçirmäge;
- oba hojalyk önümlerini saklamagyň usullaryny, görnüşlerini we kadalaryny esaslandyrmaga we işläp düzmäge;
- oba hojalyk önümlerini öndürmegiň, gaýtadan işlemegiň we saklamagyň innowasion tehnologiýalaryny bilmäge hem-de olary ulanmaga;
- gaýtadan işleýän önümçilikleriň enjamlaryny netijeli ulanmaga;
- oba hojalyk önümlerini saklamak üçin niýetlenen desgalardan we enjamlardan netijeli peýdalanmaga.

Bakalawr oba hojalyk toplumyna degişli bolan ministrliklerde, pudaklarda, daşary ýurt kompaniýalarynyň bilelikdäki birleşmelerinde, daýhan birleşiklerde, daýhan hojalyklarda, oba hojalyk önümlerini saklaýan we gaýtadan işleýän kärhanalarda, kiçi kärhanalarda ýokary bilimli hünärmenlere niýetlenen wezipeleri eýeläp biler.

## Bakalawra bildirilýän umumy talaplar

Bakalawr ýokary hünär taýýarlykly, medeniýetli we salyhatly, halkyň bähbidini arap bilýän, Watanymyza, halkymyza, Hormatly Prezidentimize wepaly, häzirki zaman türkmen jemgyýetiniň talaplaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň syýasatlaryna dogry düşünýän we olary gyşarnyksyz durmuşa geçirip bilýän hünärmen bolmalydyr.

Bakalawr köpçülige ýolbaşçylyk etmegi, öz işgärlerini agzybirlik, maksada okgunlylyk ruhunda terbiýelemegi, nazary bilimini we tejribelik endiklerini yzygiderli hem-de üznüksiz kämilleşdirmegi, öz taýýarlyk ugry boýunça toplan ylmy maglumatlaryna düşünip, olary işinde ulanmagy, zähmeti ylmy nukdaýnazarda guramagy başarmalydyr.

Bakalawr ýokary okuw mekdebinde alan bilimini, ylmyny we tejribe taýdan taýýarlygyny yzygiderli ösdürip, kärini kämil bilmelidir, syýasy-jemgyýetçilik pikirini çuňlaşdyrmak bilen zähmeti ylmy taýdan guramak ýörelgesini önümçilikde ulanmagy başarmalydyr, işgärler toparyna ýolbaşçylyk etmegiň häzirki zaman usullaryna, şeýle hem işgärleriň arasynda syýasy-terbiýeçilik işlerini alyp barmagyň tärlerine eýe bolmalydyr.

## Bakalawr şu aşakdakylary bilmelidir:

- önümçilik-tehnologiki işi;
- guramaçylyk-dolandyryş işi;
- ylmy-barlag işi.

## Bakalawr şu aşakdakylary başarmalydyr:

- nazary we amaly meseleleri çözmekde ylmy-nazary bilimlerini peýdalanmagy;
- ulgamlaýyn we deňeşdirme seljermesini geçirmegi;
- derňew endiklerine eýe bolmagy;
- özbaşdak işlemegi;
- täze pikirleri döretmegi;
- meseleleri çözmekde dersara çemeleşmelere eýe bolmagy;

- maglumatlary dolandyryş, kompýuter bilen işlemek, tehniki enjamlardan baş çykarmak bilen baglanyşykly endiklere eýe bolmagy;
- dil we hat kommunikasiýalaryň ukyplaryna eýe bolmagy;
- dowamly okap, öz başarnyklaryny ýokarlandyrmagy;
- tebigy-ylmy dersleriň esasy kanunlaryny öz kär işinde ulanmagy;
- kompýuter tehnikasyny ulanmak bilen maglumat almagyň, ony saklamagyň, gaýtadan işläp bejermegiň esasy usullaryna we serişdelerine eýe bolmagy;
- önümçilik işgärlerini we ilaty tebigy betbagtçylyklaryň hem-de adatdan daşary ýagdaýlaryň mümkin bolan netijelerinden goramagyň esasy usullaryny amala aşyrmagy;
- ykdysady nazaryýetiň esasy düzgünlerinden baş çykaryp bilmegi, olary bazar ykdysadyýetini hasaba almak bilen ulanmagy;
- ylmy esasda zähmeti guramagy, işe özbaşdak baha bermegi;
- raýatlyk häsiýetine eýe bolmagy;
- sosial ylalaşyga ukyply bolmagy;
- şahslar bilen özara aragatnaşygy ýola goýup bilmegi;
- saglygy goraýyş ukybyna eýe bolmagy;
- tankyda we öz-özüňe tankyda ukyply bolmagy;
- topar bolup işlemegi;
- önümçiligi guramagy we dolandyrmagy;
- medeni gymmatlyklardan we ýörelgelerden ýerlikli peýdalanmagy;
- oba hojalyk ekinleriniň fiziologiki ýagdaýyna we uýgunlaşma potensialyna baha bermegi, ekinleriň ösüşini kadalaşdyrýan faktorlary kesgitlemegi;
- haýwanlaryň esasy toparlaryny we görnüşlerini tanamaga, olaryň oba hojalygyndaky ornuna baha bermegi we morfologiki aýratynlyklary boýunça haýwanlaryň fiziologiki ýagdaýyny kesgitlemegi;
- oba hojalyk önümlerini, ot-iýmlik önümlerini, organiki dökünleri gaýtadan işlemekde mikrobiologiki tehnologiýalary we biotehnologiýalary ulanyp bilmegi;
- biohimiki görkezijileri göz öňünde tutup, oba hojalyk önümleriniň hiline baha bermegi we ony saklamagyň hem-de gaýtadan işlemegiň usulyny kesgitlemegi;
- oba hojalygy önümçiliginden netijeli peýdalanmak maksady bilen ösümlik görnüşleriniň we haýwan tohumlarynyň aýratynlyklaryny kesgitlemegi;
- ekin dolanyşygynyň çyzgytlaryny, ekerançylyk we ösümlikleri zyýanly organizmlerden goramak tehnologiýalaryny ösdürmäge we topragyň hasyllylygyny göz öňünde tutup, ekerançylyk ekinleri üçin dökünleriň kadalaryny kesgitlemegi;
- ösümlikçilik we maldarçylyk önümlerini öndürmegiň tehnologiýalaryny ornaşdyrmagy;
- ösümlikçilik we maldarçylyk önümlerini saklamagyň we gaýtadan işlemegiň tehnologiýalaryny ornaşdyrmagy;

- ekin meýdanlarynda we tebigy ot-iým ýerlerinde ot-iým öndürmek we taýýarlamak boýunça tehnologiýalary ulanmagy;
- dürli enjamlaryň we amallaryň esasynda oba hojalyk çig mallaryny gaýtadan işlemek üçin tehnologiki enjamlary ulanmagy;
- ösümlikçilik we maldarçylyk önümlerini öndürmekde we gaýtadan işlemekde mehaniki we awtomatiki enjamlary ulanmagy;
- TDS-yň talaplaryna laýyklykda oba hojalyk çig mallarynyň we gaýtadan işlenilýän önümleriň hiline we howpsuzlygyna baha bermegi;
- daşky gurşawyň hapalanmagynyň öňüni alyş çäreler ulgamy esasynda hünär işiniň adaty meselelerini çözmegi, daşky gurşaw bilen bagly hünär işleriniň häsiýetini, ugruny we netijelerini kesgitlemegi, ekologiýa taýdan arassa önümleriň öndürilmegini üpjün edýän tehnologiýalary işläp düzmegi we ulanmagy;
- konstruktor resminamalaryň bitewi ulgamynyň talaplaryndan ugur alyp, çyzgylary okamagy we kompýuter grafikasy arkaly konstruktor resminamalaryny ýerine ýetirmegi, güýç we temperatura täsirlerinde gurluşlaryň bölekleriniň berklik, çeýelik we durnuklylyk hasaplamalaryny ýerine ýetirmegi, enjamlary taslamak, döwrebaplaşdyrmak boýunça tehniki wezipeleri düzmegi we olary hünär işinde ulanmagy;
- ösümlikçilikde, maldarçylykda, önümleri gaýtadan işlemekde we saklamakda tehnologiki prosesleri dolandyrmagy we meýilleşdirmegi;
- oba hojalyk önümlerini öndürmegiň, saklamagyň we gaýtadan işlemegiň ykdysady netijeliligini kesgitlemegi;
- dürli ykdysady we howa şertlerinde oba hojalyk önümlerini öndürmek, saklamak we gaýtadan işlemek üçin tehnologiýalary ornaşdyrmak barada dolandyryş kararlaryny bermegi;
- oba hojalyk önümlerini öndürmek we gaýtadan işlemek boýunça işewürlik meýilnamalaryny işläp düzmegi we marketingi gurnamagy;
- tehnologiki we zähmet düzgün-nyzamynyň berjaý edilişine gözegçilik etmegi;
- kärhananyň resurslaryny (serişdelerini) ulanmak we emele getirmek boýunça maglumatlary ulgamlaşdyrmagy we umumylaşdyrmagy;
- oba hojalyk çig mallarynyň we gaýtadan işlenen önümleriň hiline gözegçilik etmegi we howpsuzlygyny amala aşyrmagy;
- oba hojalyk önümlerini öndürmek we gaýtadan işlemek pudagynda umumy kabul edilen usullara laýyklykda häzirki zaman gurallary boýunça ylmy barlaglary we synaglary geçirmegi;
- barlaglaryň we synaglaryň netijelerini umumylaşdyrmagy we statistiki taýdan gaýtadan işlemegi, olaryň beýanyny düzmegi we netijeleri çykarmagy;
- oba hojalyk önümlerini öndürmek we gaýtadan işlemek babatynda daşary ýurt ylmy-tehniki maglumatlary seljermegi we peýdalanmagy;

- oba hojalyk çig mallarynyň we gaýtadan işlenen önümleriň, toprak we ösümlik nusgalarynyň hil we howpsuzlyk görkezijilerini seljermegi.

Kär häsiýetnamanyň ähli şertlerini şu taýýarlyk ugry boýunça bakalawrlary halk hojalygynyň talaplaryna laýyklykda taýýarlaýan we terbiýeleýän ýokary okuw mekdepler hem-de dolandyryjy guramalar gyşarnyksyz ýerine ýetirmelidirler.

Häsiýetnama kärhanalaryň, bilim we hünär derejesini ýokarlandyrýan edaralaryň okuw meýilnamalaryny düzmekde esasnama, şeýle hem iş ýazgysy hökmünde hyzmat etmelidir.

Kär häsiýetnamasyna ylmyň, tehnikanyň gazananlaryna esaslanan üýtgetmeler we goşmaçalar diňe Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň hem-de Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň ylalaşmaklary esasynda girizilmelidir.